# Futbol meýdançasynda-da görmek isleýänlerimiz

Category: Kitapcy,Sözler,Sport we turizm
написано kitapcy | 23 января, 2025
Futbol meýdançasynda-da görmek isleýänlerimiz FUTBOL MEÝDANÇASYNDA-DA GÖRMEK ISLEÝÄNLERIMIZ




Çempionlar ligasynda fransuzlaryñ **"Paris Saint Germain"** bilen biziñ **"Medipol Başakşehirimiziñ"** arasynda bolup geçen futbol duşuşyk eýýämden futbolyñ taryhyna geçdi.
5:1-lik hasaby bilen däl…
Asly rumyn dördünji eminiñ "Başakşehiriñ" tälimçisiniñ kömekçisi **Pierre Webony** kemsidip "negro" (garaýagyz) diýendigi sebäpli.
"Başakşehir" meýdançadan çykdy welin, Türkiýe aýaga galdy.
Döwlet ýolbaşçylary, syýasatçylar, sport we futbol dünýäsi, döredijilik intelligensiýasy we žurnalistler jynsparazlygy ýazgardy.
MHP **"Seniñ bilendiris Webo"** diýip twit atdy.
HDP **"Jynsparazlyga garşy ýanyñdadyrys"** diýip seslendi.
Hamala, bu sözlerden has beteri biziñ futbol meýdançalarymyzda sözlenmedik ýaly…
Öz stadionlarymyzda slogana öwrülmedik ýaly rumyn emini näletledik.
Eýse, ýadymyzdan çykaran ne utançlarymyz bardy…

- **ADAMHOR DIÝENDE…**

"Trabzonspor" 1998-1999-njy ýylyñ futbol sezonyna tupan deýin başlady.

Asly ýamaýkaly meşhur iňlis futbolçysy **Kewin Kempbell** şol ýyl "Trabzonsporyň" düzüminde çykyş edýärdi.
Emma Kempbell garaşylan netijäni bermedi.
"Trabzonsporam" ondan nägiledi.
Öň ministr kürsüsinde-de oturan klubyň başlygy **Mehmet Aly Ýylmaz** ýeňliş bilen gutaran bir oýundan soň, Kempbele kakdyryp "Görýäňiz-ä, bir adamhor (ýamýam) alýarys. Barypýatan tüýsibozuk. Almasyna alýarys, emma oýnanok enesini sataýyn! Men salmalymy gollary?" diýdi.
Kempbelliň gahary geldi we soňky oýuna çykmady.
Ýoldaşyna arka duran toparyň kapitany **Ogün Temizkanogly** hem toparyň düzüminden çykaryldy.
Bütin dünýä birnäçe günläp bu wakanyň gürrüňini etdi.
Klubyň başlygy Ýylmaz aýdan sözüne ökündi.
Onuň ötünji bolsa başdaky ýalňyşlygyndanam erbetdi. Ol şeýle diýdi:
– Biziň türkçämizde "ýamýam kimin üýşmek" diýen söz bar. Biz oňa gaty görer ýaly zat aýdamzog-a. Hem arap diýjek boldum. Oýuna gyzyganoklar, hüjüm edenoklar. Emma hak-heşdek alanda welin, ýamýam ýaly topulýarlar diýen manyda aýtdym. Biz "ýamýam ýaly" diýen meňzetmäni köp ulanýarys, emma Türkiýede milletparazlyk bolmandygy üçin bular ýaly ýalňyş düşüniler diýip aklymyza-oýumyza gelmese näme. Men muny milletparazçylykly manyda aýtmadym, reňk manysynda aýtdym.

- **JYNSPARAZÇYLYKLY KEMSITMEDEN JEZA ALAN ILKINJI FUTBOLÇY**

Bu ne-hä ilkinjisi, ne-de iň soňkusydy.
**"Fenerbahçe"** futbol toparynyň kapitany **Emre Belözogly** 2012-nji ýylda "Trabzonsporda" oýnaýan **Didier Zokorany** oýun gidip durka “hapysa negr” diýip kemsitdi. Kot'd-Iwuarly Zokora muny kazyýete berdi. Ol Türkiýeden gidensoňam şikaýatyndan el çekmedi.
Belözogly 2 aý 15 gün türme tussaglygynda oturdy we ol Türkiýede jynsparazlykdan jeza alan ilkinji futbolçy boldy.

- **OLARA BARAN ÝERI MYHMANÇYLYK**

Birem öz watanynda gelmişek topar ýaly görülýänler bar.
**"Diyarbakırspor" FK** kürt doganlarymyz bilen ylalaşyk döwrüniñ öwüsdiren şemalynyñ ýelginine adyny üýtgedip "Amedspor" etdi welin, hemmeleriñ ýigrenjini üstüne aldy.
"Amedsporyñ" belli oýunçysy **Deniz Naki** sosial mediýada paýlaşan syýasy sms-leri we bir futbol duşuşygunda ýeñiş yşaratyny edendigi üçin on iki futbol duşuşygyna çykmakdan mahrum edildi. Yzyndanam terrorçylykly guramanyñ propogandasyny etmekde aýyplanyp, garşysyna derñew işi açyldy. Suduñ birinji mejlisinde jogapkärçilikden boşadylanam bolsa, Naki Türkiýäni terk etdi.
Şol günlerde "Amedsporyñ" futbol meýdançasy ýapyldy. Polisiýa stadiony basdy.
Amedsporlylar **"Çagalar ölmesin, futbol duşuşygyna gelsinler!"** diýen ýazgy bilen oýuna çykandyklary üçin Professional futbol tertip-düzgüni guramasyna şikaýat edildi.
Şol ýyl, ýagny, 2016-njy ýylda…
"Başakşehirli" **Semih Şentürk** derwezä gol salandan soñ "Amedsporyñ" tribunasyna ylgap, elini çekgesine ýetirdi-de harby salam berdi. Ýogsam bolmasa, ol entek harby gulluk borjuny berjaý hem etmändi.
**"Sivas Belediyespor" FK** bilen oýnamaga myhmançylyga giden "Amedspor" düşlemäge otel tapmady. "Belediyesporly" futbolçylar oýunda türk baýdagynyñ öñünde üýşüp harby salam berdiler. Janköýerler "Amedspor" klubynyñ baýdagyny düşürip, ýerine türk baýdagyny asdylar.
"Amedsporly" ýolbaşçylar **"Anlaragücü"** oýnuna gelenlerinde, paýtagtda, üstesine protokol tribunasyna taýak iýdiler.
Iñ soñky gezek 2018-nji ýylda amedsporlylar meýdança çykanda, hasap görkezýän ekranda harby operasiýadan pursatlar berildi. Oýun gutaransoñ "Amedspor" hülgentçilikli hüjüme uçrady.
Ondan soñky ýyl Sakarýada, bu gezek **"Vanspor" FK**-nyñ oýunçylary…

- **"JIZRE" LIGADAN ÇEKILDI**

**"Cizrespor Serik" FK** hem **“Ölürüm Türkiye'm”** marşlary bilen

garşylandy. Toparyñ siwasly baş tälimçisi **Ýusuf Tokuş** "türkler bildn kürtleriñ arasyny bulajak bolýarlar. Meniñ özüm türk, emma edil häzir özümi kürt hasaplaýaryn" diýip, muña garşylyk görkezdi.
Ony diñlejek bolýanam ýokdy.
"Cizre" ligadan çekildi.
Klubyñ başlygy **Maruf Sewinç** “Jizrä gelen eminlerem jürlewügini başgaça jürledýär” diýdi.
Şol ýyl **"Dersimspor" FK** Kyrykhanda zordan diýen linçden halas boldy.

- **UTANDYRAN SYKYLYKLAR**

2015-nji ýylyñ 10-njy oktýabrynda iki sany YŞYD-çy "janly bombanyñ" amala aşyran teraktynda ýüz sany ildeşimiziñ wepat bolmagyndan üç gün geçensoñ, Konýada oýnalan Türkiýe-Islandiýa futbol duşuşygynda wepat bolanlaryñ hatyrasyna bir minutlyk baş egilşik bolanda, munuñ arasy sykylyklar bilen bölündi.
Adamzat bir topbak yñdarma fanatigiñ öz pidalaryny sykylyklaýandyklaryna şaýatlyk etdi…
Şindi tutuş Türkiýe **"Vanspor"** we **"Sivas Belediyespor"** bilen birlikde **“No To Racism”** şygarynda birleşdi.
Ýagny, **"Ýok bolsun, jynsparazçylyk!"**
"Amedspor" **“Soñuna çenli seniñ bilendiris Pierre Webo”** diýip twit atdy.
**"Sakaryaspor"** şol jümläniñ iñlisçesini paýlaşdy.
"Cizrespor", "Ankaragücü" hem **“Jynsparazlyk bir keseldir”** diýip ýazdy.
Biz bu sözleri, çykyşlary futbol meýdançasynda-da görmek isleýäris.

Ysmaýyl SAÝMAZ.

"SÖZCÜ" gazeti, 12.12.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Sport we turizm